# Kassada / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kassada / hekaýa

KASSADA

Kassir kabul eden pullaryny sanap, jemläp otyrdy. Kassanyň beýleki işgärleri hem nahara gitmek üçin taýynlyk görýärdiler. Salam berip gapydan girenimde, kassir ogry giren ýaly, maňa üşerilip seretse-de, ünsüni puldan sowmady. Puluny sanamagyny dowam etdi. Mysalamy göreninden kimdigimi aňdy öýdýän, maňa ünsem bermedi. Menem onuň bilgeşleýin şeýle edýändigini bada aňdym. Hasap, hat, pul bilen iş salyşýan adamlaryň işläp oturan wagty päsgel berseň halamaýandygyny bilýärdim. Ýöne ýörite gelemsoň, yzyma gaýdyberesim gelenokdy. Onsoň men sesimi çykarman, ýuwaşlyk bilen onuň alkymyna dykylyp bardym. Onuň pul sanaýşyny synlap başladym. Kassir, çak edişim ýaly, derrew hasabyny ýalňyşdy. Ol işini goýdy-da, «geple» diýen manyda ýüzüme dikanlap seretdi. Onuň pul sanap otyrka ýalňyşmagyna özümiň günäkärdigimi bilip dursam-da, sähelçejigem müýnürgemedim.
— Ýaşuly, bir kiçijik haýyş bar. Çagalaryň ýasli puluny kabul edäýseňiz — diýip, haýyş eden kişi boldum. Ol bir gezek meniň ýüzüme, bir gezegem elindäki pullara seretdi. Dodaklaryny taýly gezek müňküldetdi. Men onuň janynyň ýanyp durandygyny bildim. Bolsa-da, ol sypaýyçylyk bilen gepledi:
— Jigim, şu pullary sanap, nahara çykjak bolup durun. Kassany hem ýapdym. Öýländen soň geläýsene. Binobat kabul edeýin. Gaty ýadadym, naharam iýemok.
Arakesme wagtyna gabatlap gelýändigimi bilsemem, özüme ynamym bardy. Ýolda gelýärkäm, kassanyň gapysy ýapyk bolmasa bolýar, açyk bolsa her zat ederin welin, işimi bitirerin diýip pikir edýärdim. Ynha, indi bolsa göz-görtele iki eliňi burnuňa sokup, boşja gaýdybermeli boljak.
Ýöne men aňry-bäri zady ýüzüne alýan adamlardan däldim. Öz

diýenim bolmasa, adamlaryň boýnundan gyzgyn tagan bolup ilmegi hiç zatça görmezdim.
Öz diýenim bolmansoň, kassiriň sypaýyçylyklysyramagy meniň jynymy atlandyrdy. Ýöne men bolgusyz zatlar üçin janyňy ýakmaly däldigini bilýärdim. Muny maňa tanyş wraçlarymyň biri aýdypdy. «Sähel zada darykmagyn, giň bolgun – diýipdi. – Adam her gezek gaharlananda nerw öýjükleriniň millionlarçasy ölýär. Özem şolar gaýdyp direlmeýär».
Wraç tanşymyň bu aýdanlary ýadyma düşüp, biygtyýar ýylgyrdym. Bu meni köşeşdirdi hem maňa näme etmelidigini salgy berdi. Bujagaz kassirden assyrynlyk bilen mazaly ar almagy ýüregime düwdüm. Ol düşündirip aýtsa-da, ugrubir çykyp gaýdybermedim. Kassiriň üstüne abanyp, güýmeň-süýmeň eden boldum durdum. Bolup durşum, kassire ýaramady öýdýän. Ol hasabyny ýalňyşyp, meniň ýüzüme alarylyp seretdi. Men munuň üçin müýnürgemän, heşelle kakdym. Şol wraç tanşymyň aýdyşyna görä, häzir onuň nerw öýjükleri ölüp başlamalydy. Kassir görgüliniň bolsa bu zatlardan habary ýok. Ol dodagyny müňküldedip, ýene pullaryny sanamaga oturdy.
Men işi bitmänine gynanan kişi bolup, gapa tarap göwünli-göwünsiz gadam urdum. Ýöne meniň çykyp gitme hyýalym ýokdy. Men häzir kassiriň nazarynyň ýeňsämden dikilendigini, onuň menden dynanyna begenýändigini bilýärdim. Şonuň üçinem hyrra yzyma öwrüldim-de, onuň ýüzüne seretdim. Ikimiziň nazarymyz kaklyşdy. Ikimiz nazarymyz bilen gepleşdik. Men nägileligimi duýdurdym. Onuň nazary bolsa «han ogul, öýlän geläýsene» diýip ýalbarýardy! Men ýaňadandan «pulumy şu wagt kabul edäýeňde, näme ýanjygyň ýazaýar öýdýäňmi?» diýen garaýyş bilen, onuň bäbenegine seretdim. Şol wagt ol üçünji gezek ýalňyşdy. Ýöne men sesimi çykarmamsoň, ol hem hiç zat diýip bilmedi.
Kassiriň, sesini çykarmasa-da, gaharynyň gelip başlandygyny bilip, heşelle kakdym. Ol puluny sanamaga durdy, menem öz ýanymdan onuň näçe nerw öýjükleriniň ölýändigini hasap edin begenýärdim. Munuň mazalyja degnasyna degmegi ýüregime düwdüm. «Sen ýaşulujyk, dur bakaly. Mylaýymsyran bolup, pulumy kabul eden dälsiň welin, göreli bakaly, nädäýerkäň? Nahar iýemok diýen bolup bahana tapýaň, nädersiň uzak gün işdäň zat almaz

ýaly edäýsem. Sen entek meniň kimdigimi bilýän dälsiň. Tapdyň bu ýerde keçe telpek pyýadany».
Niýetimi ýamana düwüp, bir gyra çekildim. Amanat kassalaryň peýdalydygy baradaky bildirişleri pyşyrdap okan bolmaga başladym. Ýöne gözümiň gytagyny welin kassirden aýyrýan däldirin. Onsoň bärimi öwrüldim-de:
– Ýaşuly, nahary şu ýerde iýýäňizmi ýa-da naharhanada? – diýip, kassire sorag beren boldum. Ol meniň sowalymy eşitmedik kişi boldy. Ozal puly içinden sanap oturan adam, şundan soň «maňa päsgel berme» diýýän manyda, sesli sanap başlady:
– Togsan, togsan bir, tog-gssan üç…
Kassir ýene hasabyny ýalňyşdy. Men bolsam, dünýäden bihabar kişi bolup, aşak egildim-de, ýerde ýatan kagyz bilen köwşümi süpüren bolmaga başladym. Ýogsa ömrümde köwşümi süpürýänem däldirin-le edil şu wagtlar kassiriň özüme ýigrenç bilen seredýändigini bilýärdim. Ol şol garaýşyny maňa duýdurmak isleýärdi. Men bolsam, oňa bilgeşleýin üns bermän, içini ýakýardym. Esli wagtdan soň «nädýä, içiň ýanýamy?» diýen manyda onuň ýüzüne garadym. Dogrudanam, häzir onuň nazary ýigrençden doludy. Gözünde oky bolsa, meni eglenmän atjakdy. Gaharyna bäs gelip bilmän, çalaja saňňyldaýardy. Men bolsam heşelle kakýaryn. Onuň janyny has-da ýakmak üçin, zeýrenen kişi boldum:
– Ýaşuly, nähak ýere adamyny heläk edýäňiz? Şu wagt işimi bitiripjik goýbermeli ahyry…
Meniň bu zeýrenjimem jogapsyz galdy. Men onuň geplemän ýeňjek bolup jan edýändigini bilýärdim. Öýlän ikilenç gelmelidigim ýadyma düşende, ýaşulyny bu horlaýşymam az göründi. Onuň üstüne abandym-da, nermeden doýan öküz ýaly, uludan demimi alyp goýberdim. Ol «elli» diýip, meniň ýüzüme seretdi. Naýynjar halda delmindi. Onuň garaýşynda «Sadagaň bolaýin, jan inim, gidäýsene!» diýen many bardy. Birbada onuň bu delmirip oturyşyna nebsim agyrjak ýaly hem boldy. Ýöne dessine bu pikirden el çekdim, öňküje heňime tutdurdym:
– Bagyşlaň, ýaşuly. Ir bilenem gelip gitdim. Adam kän eken-de, gaýdyberdim…
Ýaşuly görgüli ahyry çydap bilmedi. Ýüzi boz-ýaz boldy. Zöwwe

ýerinden galmaga synandy. Emma onuň ýeňi hasap maşynynyň tutawajyna ilişdi. Muňa onuň hasam bolmajysy boldy. Gaharyndan ýaňa çekge damary her gezek çekende, bir gulagy biygtyýar gymyldap, agzy gyşaryp gidýärdi, bütin durky bilen saňňyldaýardy.

Ýaşulynyň gazabynyň ýetjek derejesine ýetendigini bildim. Indi ahmal bolmaly däldi. Ýöne ätiýaç üçin gapyny açsam-da, daş çykmadym.

– Çyk şu taýdan! – diýip, ýaşuly gazap bilen gygyrdy.

– Be, ýaşuly, bolşuňyz nähili? – diýip, halymsyrap, gaýra-gaýra çekilen boldum. – Nämä beýle gaharyňyz geldi? Adam diýeniň giňräk bolar ahwetin…

– O s-s – seniň i-i-iş-şiň d-d-däl!

– Sähel zada sakawlap, saňňyldap otyrsyňyz. Erkeç ýa-da geçi münseňiz, sakawlygyňyzdan açylarsyňyz. Ýogsam, bu bolşuňyz bilen kassir bolup uzak işläp bilmersiňiz… Ýalňyşan ýeriňiz köp bolar…

– O s-s-seniň işiň däl.

Onuň başga zat aýtmaga çaky ýokdy. Meň welin şol bir arkaýynlygym bilen dowam edýändirin:

– Ol-a şeýle-le, ýaşuly. Ýöne bir zady welin aýtjak, ýaşuly. Gaty haýal işleýäňiz. Bagyşlaň, men siziň göwnüňize degmek islämok. Ýöne ynha pul sanaýşyňyzy görüp durun. Şu sanaýşyňyz bilen öňüňizdäki pullary agşama çenli hem sanap gutaryp bilmersiňiz. Bu ýerde işlejek bolsaňyz, awtomat, ýaly bolm…

Şondan Soň näme bolanyny bilemok. Birden kassanyň içi sap-sary bolup giden ýaly boldy. Keselhanada özüme gelip, bolan wakalara akyl ýetirdim. Kassir demir basgyç bilen kellämi ýaryp oturyberse nätjek?! Indi hem ýaram gutulansoň, ony suda berjek.

Ýöne meni biynjalyk edýän ýene bir mesele bar. Sudýa bir kassir ýaly bolmabilseýdir. Onuň bilenem eňekleşmeli bolar….

Bäşim SÖÝÜNOW.

Hekaýalar